# Söý meni

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Söý meni SÖÝ MENI



Söýgi ody alawlaýar gursakda,
Daşyñda perwana ganat kakýaryn.
Yşgyñ bilen gurşansyñ her pursatda,
Ýollaryña ogryn-ogryn bakýaryn.
Kä başymy gursagyña goýup men,

Diñläýin ýüregiñ çalýan sazyny.
Kalbynda, añymda seni söýüp men,
Garşylap ömrümiñ gyşy-ýazyny.

Söý meni, bir ömür gökde uçaýyn,
Deñäp meni iñ owadan güllere.
Söýgi bolup ak dañlary guçaýyn,
Goý, düşsek düşeli ýene dillere.

Tutuş ömrüm söýgä dolsun püre-pür,
Möhürlensin päk söýgimiz ýyllara.
Ýedi aşyklaryñ taýy bolaly,
Bagtymyzy buşlaly biz illere.

Sen kalbymyñ soltanysyñ, hanysyñ,
Ýalñyz galsam, meniñ dünýäm daralar.
Sensiz günler hyýalymda janlansa,
Gül meñizim öçer, solar, saralar.

Çünki, aýralyga çatlar ýüregim,
Sensiz dem almaryn, geçip bilmerin.
Derýanyñ düýbüne çöken daş deýin,
Hiç haçan, hiç haçan göge galmaryn.

Oguljennet NAZAROWA. Goşgular